# KIM MEN?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
KIM MEN?

"Kim men?"-diýip, sorag berip özüme,
Käte ýitiräýsem özümi, özüm.
Ejeme ýüzlenýän "Dünýä indirip,
Edenje tamaňy, edenli gyzyň,

ödedimi? Ýa paşmadyk arzuwyn,
Aýdyp jigeriňi dagladymy ýa?
Çeken armanyma näzik ýüregiň,
Meňkiden has beter agladymy ýa?

Akymynda "Durmuş''atly derýanyň,
Senden uzaklara gaýdanam bolsam.
Meň üçin her säher kyblaňa bakyp,
Etýän dilegleriň goý, kabul bolsun.

Çaga deý ynanjaň, sadaja kakam,
Sadalygy senden alan ekenim.
Obada, garypja çatmaň üstünde,
Bilýäňmi, abraýdan baýdak dikenim.

Kaka, ol baýdagy seň üçin dikdim,
Ölçenmeýär oň bahasy zer bilen.
Saňa başga zady rowa görmedim,
Ekläniňe maňlaýdaky der bilen.

Indi bolsa pata berip ugradan,
Ak ýoluňdan ýöräp barýan gyzyňa
Seret, soraglardan ýegşerip barýar,
Sorag berip özgä däl-de özüne.

Elimden gelýänje aklygym bilen,
Ödedimmi ezizlermiň ynamyn?
Köýen badyhowa arzuwlam üçin,

Wah, jigerin dagladym-la enemiñ.

Diýip, bu ömrümiñ gaýtargysyny,
Az görüp özümden jeza çekýärin.
Bagyşla pederim, bagyşla eje,
Öñki-soñky hatalarny dikraryñ.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA.

Goşgular